Bu serişdeler milli howpsuzlygy berkitmek we içerki mikroçip önümçiligini ösdürmek üçin CHIPS Kanunynyň çäklerinde bölünip berildi.

Emma şertnama şertleri kompaniýanyň önümçilik bölümi bolan Intel Foundry-de paýlaryň satylmagyny çäklendirýär.

Eger-de Intel Foundry-ni aýratyn kompaniýa hökmünde bölmek kararyna gelse, ol kontrollyk paýyny – azyndan 50,1% – saklamaga borçlydyr.

Şeýle hem, Foundry paýnamalaryny köpçülige hödürlän ýagdaýynda, Intel ABŞ-nyň Söwda ministrligi bilen ylalaşmazdan bir maýa goýujy üçin paýnamalaryň 35%-den gowragyny satyp bilmez.

Bu çäreler daşary ýurt kompaniýalarynyň täsiriniň öňüni almak we strategiki taýdan möhüm sektory goramak üçin niýetlenendir.

Şertnama, global bäsdeşlik we geosyýasy durnuksyzlyk fonunda, ABŞ-nyň ýarymgeçiriji önümçiliginde garaşsyzlygy berkitmek baradaky uzak möhletleýin niýetlerini görkezýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.12.2024